# Meni halas ediñ!

Category: Haýwanat dünýäsi,Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Meni halas ediñ! 1. ADAM

«Bir adamy halas etmek, adamzady halas etmekdir»
Süleýman pygamber (a.s.)

I.

Men bu gün saňa ýüzlenýän, Adamzat!
Meni halas ediň!

2.

Men Adamatadan şu güne çenli günüň, güzeranyň guly bolup geldim. Men adamyň, onuň galypa salan güzeranynyň, maşgalanyň, döwletiň, jemgyýetiň, guly bolup geldim. Emma men Adamatadan şu güne çenli ruhy,ahlak, ynsap taýdan kämilleşmedim. Men öz bolşumdan,özümiň haramylygymdan, özümiň alaçsyzlygymdan ýadydym.

3.

Men kim!? Men nirede? Men nädip şeýle pese düşdüm? Men indi näme etmeli?

4.

Men alajymy, ugrumy, deregimi, diregimi, imanymy, ynanjymy ýitirip, seniň aýaklaryňa başymy goýýaryn,Adamzat!

5.

Meni halas ediň!
Meni halas ediň!
Meni halas ediň!

* * *

XX asyr Adamzadyň hudaýsyzlaşan, Hudaýy inkär eden asyry boldy.
Tutuş adamzat «Hudaý ýok!» diýip XX asyryň işiginden girdi. Şeýlelikde Allatagalany inkär edýän döwletler, imperiýalar, döwletara birleşmeler döredildi. Olaryň ählisi diýen ýaly, Allanyň garşysyna uruş yglan etmegiü
ýoluna çykdylar. Olar özleriniň döwletlerini, döwlet syýasatyny, ylym- bilim ugruny hudaýsyzlyk ýoly bilen guradylar we dolandyrdylar.
Şeýle ýowuz çözgüt adamzada aňsat düşmedi. Adamzat bu çözgüdiniň öwezine 200 milliondan gowrak şirin jany gurban beren jahan uruşlarynyň ikisini, döwletara uruşlaryň onlarçasyny, betpygyl, hudaýsyz adamlaryň soňy puç rebolýusiýalarynyň birnäçesini peşgeş aldy. Bu asyr jebri-jepalaryň, açlygyň, zulumyň, hasratlaryň, köýen umytlaryň, gözýaş silleriniň, ahmyrlaryň we puşmanlaryň asyry boldy.

* * *

XX asyrda Adam görlüp-eşidilmedik derejede ahlak, ynsap, adamkärçilik taýdan hapalandy.
XX asyrda Adam köpderejelerde wagşy, doňbagyr, parhsyz, diňe nebsiniň ugrunda eňip ýören ejiz mahluk derejesine çenli peseldi.

* * *

XX asyrda Adam ýalňyzlaşdy. Adam ýekebaralaşdy. Adam gara başynyň, güzeranynyň guly derejesine çenli pese düşüp galdy.

* * *

XX asyrda Adamy adamkärçilige ters gelýän, şeytany häsýetler eýeledi. Adamyň köňül dünýäsi , ýüregi, äňy şol ýowuz häsiýetleriň saraýyna öwrüldi.

* * *

Adam edebi, ruhy görlüp-eşidilmedik derejede pese gaçdy.

* * *

Adamzadyň edebiniň kämilleşmeýäniniň esase sebäpleriniň biri, Adam ortaça ýetmiş ýaşaýar. Ýetmiş ýaşa çenli ýaşan adam oňat durmuş tejribesini, edep göreldelerini, edep ýörelgelerini gazanýar we ahyr bir gün ömrüni tamamlaýar. Ölen adamlaryň edep –ekramy, edep ýörelgeleri, edep, terbiýe barada uzak ýyllarda gazanan tejribesi özi bilen gidýär. Dünýä täze inenler şol terbiýe ýörelgelerini hiç kimden miras almaýarlar. Dünýä inen her nesil bu dünýäniň terbýe ulgamlaryny täzeden öwrenip başlamaly bolýarlar. Olar özlerinden öňküleriň derejesine ýemek üçin köp zämet çekmeli bolýarlar. Emma döwürleriň, döwletleriň, syýasatlaryň, durmuşyň, edep ýörelgeleriniñ, däpleriniň, görelde, edep normalarynyň, terbiýe işiniň, oňa berilýän ähmiýetiň özgermegi bilen indi dünýä inenler öňki nesilleriň bu ugurda ýeten derejesine ýetip bilmeýärler.
Şu babatda edep-terbiýe indiwidualdyr we hemişe bir normada, bir galypda saklap bolunmaýan ulgamdyr.

* * *

Adam!
Adam we adamzat!
Adam adamzadyň zerre bölegi. Adam tutuş adamzat. Adamsyz adamzat ýokdur. Adamzat adamdan başlanýar. Sol Adam imperator, patyşa, pygamber, diwana. molla, brahman,akyldar, telbe, aşyk., zalym, mugallymü lukman, alym, ata,ene, bala. Şol Adam şu güne çenli jemgyýetçilik mahlugy diýip her ňäçe, subut etjek bolsalar-da, ol ýalňyzlygyna galýar.
Asyrlaryň, ýüzýyllyklaryň, müňýyllyklaryň, döwürleriň zamanlaryň, döwletleriñ, rewolýusiýalaryň sandalynda urla-urla taplanan Adam bu gün gelip Adamzadyň alynda dyza çöküp: «Meni halas ediň!» diýjegi gümansyzdyr.
Eysem, Meni–Adamy nähili halas etmeli? Adamy kimden halas etmeli? Biziň bu işimiz , ine, şu meseläni çözmäge

bagyşlanylýr.

* * *

Adam jemgyýetçilik önümi ýa -da jemgyýetçilik hadysasy däldir. Adam hysysy hadysadyr. Ol doglandan. tä ölýänça hususylygyna galýandyr. Şol babatdan Adam ýalňyzdyr. Şol nazarýetden alanyňda tutuş adamzat hem jemgyýetçilik hadysa däl-de, hususy hadysadyr, Tutuş adamzat husysy adamlaryň daşky garantgylarynyň toplymydyr. Millet, jemgyýet – Adamdan daşary düşünjelerdir. Adam aň, duýgy, görüş, şyzyş bilen ruhuň aralygynda giden bir bitewi birleşmeleriň bir g a l y p a salnan jemlenmesidir. Adamzat ölmeýär. Adam hem ölmeýär. Emma adamy- indiwumy emele getirýän galyplar belli bir wagtdan soň dargap, ýok bolup gidýärler. Şol ölmez-ýitmezligiň bir bölejigi bolan Adam ýeriň ýüzündaki absalýut barlykdyr.
Birinji Absolýut barlyk-Alladyr.
Şol Alla- iň beýik Absalýut barlyk bolsa:

1.Atomlaryň;
2. Fiziki;
3.Himiki;
4.Mehaniki
5.Biologiki;
6. Energetiki;
7. Atmosferiki:
8.Gidrolawiki güýçleriň;
9. Ýylylygyň-suwuň, howanyň ,topragyň :
10.Hereketiň;
11.Fizologik, şeýle hem,
12. Absolýut aňyň-Absolýut ruhuň sanýetmez, ynsan akyl-paýhasy ýetmez derejedäki güýjüniň bitewileçmesidir.

Şol beýik Absalýut bitewilik we ideýa ýa-da Aň , Ruh bakydyr. Ol dogulmaýar, ölmeýär. Täzeden döremeýär. Şol Absolýut Aň:

1. Döredijdir.
2. Hereketlendirijidir.

3. Ýok edijidir.

Adam bolsa Ýeriň ýüzündäki Absalýut barlykdyr. Bütindünýä Absalýut barlyk älem-jahan möçberinde älem dörediji. Ýok ediji, hereketlendiriji, täzeden dörediji hökmünde erk edýän bolsa,cAdam onuň sanýetmez derejedäki ownuk bölegidir.
Şol babatdan alanyňda, Adam Yeriň ýüzündäki absolýut barlykdyr.

Adam hem :

1.Atolaryň;
2. Fiziki;
3.Himiki;
4.Mehaniki:
5.Biologiki;
6. Energetiki;
7. Atmosferiki :
8.Gidrolawliki;
9. Oduň-suwuň- howanyň-topragyň,
10.Hereketiň;
11.Fizologik, şeýle hem,
12. Aňyň;
13.Duýgynyň
14.Ruhuň
~
Absolýut aňa garanyňda iň bir kiçijik derejedäki bitewileşdirilen görnüşidir Adam Absolýut aňyň kiçijik galyplara, forma salnan gaýtalanmasydyr.

Şol bitewilik formany emele getiriji maddalar we jisimler bilen belli galypa salnandyr. Emma aň bakydyr.
Adam dogulmaýar!
Adam- Ölmeýär!
Adam- Täzeden döremeýär.
Adam-ýok bolup gitmeýär.

1.Adam – Döredijdir.

2.Adam-Hereketlendirijidir.
3.Adam ýok edijidir.
4. Adam gaýtadan döredijidir.

Adam diýen bitewilgiň daşyndaky forma, ýagny, galypyň ulalmagy, kiçelmegi, käte ýok bolup gitmegi mümkiindir. Biz bu meselesinde howa şaryny göz öňüne getirip göreliň. Howa şaryny biz islendik ululykda ulaldyp, kiçeldip bileris. Ol biziň dem alýan howamyz bilen çişirilendir. Eger-de howa şary birden ýyrtylsa, onda onuň içindäki howa ölýän däldir. Ol howe tutuş howa giňişligine goşulyp gidýär. Adam hem şeýledir. Öl dünýä dykyzlygyndaky
Adamy emle getiriji:

1.Atolaryň;
2. Fiziki;
3.Himiki;
4.Biologiki;
5. Energetiki;
6. Atmosferanyň
7.Gidrolawiki ýaly ägirt uly ulgamlaryň birleşmeleriniň
9. Ýylylygyň-suwuň- howanyň-topragyň,
10.Hereketiň;
11.Fizologik, şeýle hem,
13. Aňyň;
13.Duýgynyň , ruhuň ölmeýän, ýok bolup gitmeýän bitewiliginden emele getirilendir. Eger-de Adamy emele getiriji galyplar weýran bolup, ol öldi hasap edilende-de Adamy düzýän şol baky güýçler umumy güýçlere garylyp gidýändir. Muny Adamzat ylmy kem- käsleýin subut edendir.
Adamyň Allatagaladan tapawudy, onüň Allanyň sanýetmez hasaplardan bir zerre bölegi bolmagydyr.

Allatagala tebigy we beýleki bütindünýä kanunlarynyň esaslaryny döredijidir we şol kanunlary herekete getirijidir. Emma Adam şol kanunlaryň ählisine boýun egijidir. Adamyň ömri , ykbaly diňe şol kanunlara baglydyr. Şol bir wagtyň özünde bolsa, Adamyň öz kanunlary bardyr.

Edil Absolýut barlygyň dine,syýasata, döwlet we jemgyýet diýen düşünjelere dahylynyň bolmaýşy ýaly, Adam hem din ,syýasat, döwlet we jemgyýet diýen düşünjelere dahylly däldir.
Adam ýaşap başlandan soň, onuň aňynyň hem-de ruhunyň kämilleşip, utgaşykly ösüp başlan mahaly, görüş,eşidiş, syzyş, duýuş, pikirleniş, duýgularynyň güýçlenmegi bilen durmuşa, ýaşaýyşa dahylly bolýar. Ol diňe şonda özüniň bu organlarynyň ählisini, güýjüniň, energiýasynyň, hereketiniň belli bir bölegini özüni ,soňra maşgalasyny eklemäge harç edýär. Bu ýagdaý soňra onuň durmuş endiklerine öwrülip gidüär.
.Ine,şu ýerde, ýagny Adamyň durmuş bilen gatnaşyklarynda ony adamçylykdan aýyrýan, onuň diňe özüne aýan bolýan gylyklar, häsiýetler emele gelýär. Eýsem, Adamy adamçylykdan aýyrýan şol häsýetler näme!? Olar su aşakdaky häsiýetlerdir:

1. Gahar. 2.Gorky. 3.Göriplik. 4.Ogurlyk.5.Dönüklik 6.Nebis . 7.Tamakinçilik.. 8.Ejizlik. 9. Ýalançylyk. 10.Ýaltalyk. 11. Ýaranjaňlly.12. Ikiýüzlülülik.

Bu gylyk-häsiýetiň Adamyň kölegeli, goýy, garaňky taraplarydyr. Bu häsiýetler Adamda adamkärçiliklilik, mahribanlyk, mertlik, batyrlyk, sahylyk, ynsanperwerlik, ynsaplylyk, raýkeşlik, belentpikirlilik ýaly ony adamkärçilikli, gözel görkezýän häsiýetler bilen utgaşykly ýaşaýar. Adamdaky ynsan parasadyna, onuň gözel duýgy-düşünjesine laýyk gelmeýän gylyk-häsiýetler gadym döwürlerden şu günlere çenl onuň hemrasy bolup gelendir. Allatagala ilkinji nobatda, Adamy kämilleşdirmek üçin, Adama zyýan berýän ýaman gylyklary ýok etmek maksady bilen Yeriň ýüzüne 124 müň pygamber, müňlerçe keramatly kitap inderendir. Ol keramatly kitaplaryň ählisiniň parasat jemlenmesi bolan Injil, Töwrat, Zebup, Gurhan hem ilkinji nobatda Adamy adamkärçilikli, arassa pälli, Allatagala ýakyn edip terbiýelemek üçin inderilendir. Emma Injiliň inderilenin iki müň, Gurhanyň inderilenine müň ýarym ýyl geçse-de Adam şol ýaman häsiýetlerinden saplanyp bilmän gelýär. Adam atadan şu güne çenly adamzadyň bilim, parasat äleminde Adama ýaman bolmagyň, adamkärçilikden

çykmagyň okuwyny okadýan, ýagny adamkärçiliksizlikden sapak, bilim, tälim- terbiýe, hünär berýän ýekeje-de mekdep, medrese, ýokary okuw jaýy bolan däldir. Emma;

Gahar, Gorky, Göriplik, Ogurlyk, Dönüklik, Nebis, Tamakinçilik, Ejizlik, Ýalançylyk, Ýaltalyk, Ýaranjaňlyk, Ikiýüzlülilik belasy sagatsaýyn, günsaýyn, ýylsaýyn möwjäp ösüp, tutuş Adamzat progresiniň öňüne böwet bolýar Yslam dini, mukddes Gurhan Adamyň bu ýagdaýyny gös- göni şeytan bilen baglanyşdyrýar. Mukaddes Gurhanda, Muhammet pygamberiň hadyslarynda, Gündogar, Yslam, Gurhan edebiýatynda şeýtan obrazyna uly orun berilýär, Şeýtan Alla tarapyn et bilen deriniň arasynda orun alyp, Adamy azdyrmagyň , onuň jennete barýan ýolundan azaşmagy üçin gaty köp tagallalar edýär. «Şeýtanyň azdyrany özüniňk» diýen pähim birwagtlardan bäri halklaryň arasynda ykrar edilipdir.
Eýsem, Adamy şeýtany häsiýetlerden, şeýtany endiklerden, gylyklardan, yramazlyklardan nähili halas etmeli!?
Adamy özünden nähili halas etmeli! Bu mesele şu gün tutuş adamzadyň öňünde örboýuna galan meseledir.
Rowaýatlara göz aýlasaň, Allatagala Adamy özüne mähriban bolsun. Adamy ýaradany üçin, Adam oňa hemişe tagzym edip. hemişe şukür kylyp, alkyşlar aýtsyn diýip ýaradypmyşyn. Emma wagtyň geçmegi bilen Adam Allatagalany unudypdyr. Soň-soňlar ol öz Hudaýyny öz derejesine çenli peseldipdir, Ony özi hyýaly barlyk hökmünde toslap tapypdyr. Belli-belli döwürlerde bolsa daşdan, agaçdan , malyň şahyndan, piliň süňkünden özüne hudaý ýasanyp, oňa tagzym edipdir. Ýene-de wagtyň geçmegi bilen , Adam Allatagalany düýbünden inkär edip, Allasyz, ynamsyz ýaşap başlapdyr.
Adamzat XXI asyra eli boş gelen däldir Adamzat bu gün özüniň köňül islegine ýetdi. Atom, beýleki ýowuz güýçler bu gün Adamzada boýun egýär. Adamzat köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň giden blr toplumyny oýlap tapdy. Olaryň bir bölegini Adamzadyň garşysyna ulanyp, onuň güýjüni barlap gördi. Adamzat dünýä suwlaryna erkini ýetirdi. Ol äpet-äpet gämileri ummanlara goýberdi. Ýeriň ýzünde jennet kysymly sapaly desgalary,

zawodlary, fabrikleri, uly-uly önümçilik ulgamlaryny gurdy. Adamzat azyk önümleri bilen adamzaday üpjün edip bilýän derejelere golaýlady. Internet, kibernetika,tilsimat ulgamy Adamzada hýzmat edýär. Adamzat älem ýüzüniň dürli planetalaryna özüniň emeli wekillerini ibermegi başardy.
Mahlasy , Admzat Ýeriň ýüzünde öz göz öňüne getirişiçe, jenneti we dowzahy gurdy, Şeýlelikde, Adamzat özüniň göwün maksadyna doly ýetdi. Emma Adam gadym zamandaky ýalňyzlygyna, biçäreliginde we ýeke agyz hoş sözüň zary bolup galdy.
Häzirki wagtda Adamzady bagtly etmek üçin ylymyň, tehnikanyň, tehnologiýanyň, atomyň, kibernetikanyň, syrlaryndan, tejribelerinden doly peýdalanylýar. Adamzadyň dýnýäsi awtomatlardan, robetlerden , internetden, kibernetikanyň dolandyryşyndan doldy. Indi her bir Adam oturan ýerinden dünýä dolanyşygyna gatnaşyp bilýär.
Emma bu zatlar Adamy barha ýalňyz, sözüň doly manysynda betbagtlygyna galdyrdy.
Bu gün dünýä alymlary, filosoflary, psihologlary dünýäni, Zemini,tebigaty,Ýeriň ýüzündäki ösümlik, haýwanat dünýäsini, janly- jandary, Adamdan halas etmegiň aladasy bilen ýaşaýarlar, Adam welin ýene-de öz-özi bilen, gadymy we müdimi ýalňyzlygyna galyp gelýär.
Eýsem, bu gün şol Adamy- Ýeriň ýüzündäki iň uly älem-ýüzüniň şamçyragy, parasatlylygyň genji- hazynasy, özbaşyna gaýtalanmajak dünýä bolup oturan bu ýalňyz Adamy şol gylyk-häsiýetlerinden, ýalňyzlykdan, biçärelikden nädip halas etmeli? Eger biz bir Adamy halas edip bilsek, onda tutuş adamzady halas etdigimizdir.
Adamy halas etmek üçin oňa zulum, sütem edýän ýagdaýlardan ony halas etmek zerurdyr. Şol sütem Adama daşyndan däl-de, onuň hut öz gylyklaryndan, häsiýetlerinden, güýmenjelerinden gelüändir. Şonuň üçin Adamy onuň öz ýaramaz gylyk-häsiýetlerinden, güýmenjelerinden halas etmek gerek. Munuň üçin ilki bilen Gahar, Gorky, Göriplik, Ogurlyk, Dönüklik, Nebis, Tamakinçilik, Ejizli, Ýalançylyk, Ýaltalyk, Ýaranjaňlyk ýaly, Adamy gowşak edýän gylyk-häsiýetlere baha bermek gerek.

1. Gahar (ganygyzmalyk, paýhassyzlyk, was-wasylyk, sabyrsyzlyk, närazylyk) psiho-newroz sarsgyny bolup, adamyň bedeniniň, aňynyň, duýgysynyň gazaply gyjynmasy sebäpliý aňyň kadaly erkinden çykmagynyň ýagdaýydyr.
Gahar adamda her hili ýagdaýda bolup geçýär we hereket,söz bedeniň, ýüz-
gözüň nerw dartylmasy,gan basyşynyň, gözüň häsiýetiniň üýtgemegi arkaly ýüze çyýar.
Gaharyň bäş ýagdaýy bardyr:

1. Durmuşyň dürli meselelerinde närazy bolmak, öüke-kine etmek netijesinde döreýän gahar.

2. Betgüman bolmak netilesinde döreýän gahar.

3. Waswasa düşmek sebäpli emele gelýän gahar.

4. Betgüman bolmagyň iň üokary derejesi-gazaplanmak.

5. Nerwniň kesellemeginden gelip çykýan gahar.

Gahar adamyň ganynyň düzümini, gan basyşyny, nerwisini güýçli gyjyndyrmak bilen, olary dartgynly hala ýetirýär. Şonda Adam özüne erk edip bilmeýän derejä baryp ýetýär. Şol pursat Adam näme diýýänine, nähili hereket edýändigie düşünmeýär. Gündogarda gahary Adamyň ahlagyny, aňyny, abraýyny we namysyny weýran edýän wagşy ýagdaý hasap edýärler. Şonuň üçin özüniň gaharyny basyp bilýän kişi iň güýçli Adam hasap edilýär.
Gahar Adamy juda wagşy we ejiz görkezýär. Şonuň bilen birlikde, gahar Adamy gaty köp meselede günäli edýär. Ýerliksiz we bolgusyz gahar üçin Adamyň ömür tanapy kesilýär, Adam maýyp- müjrip galýar. Bagtly maşgalalar dargaýar, çagalar ýetim galýar. Tutuş adamzady heläk eden halkara dawalary, elhenç uruşlar hem bir Adamyň gahary bilen baglanyşykly ýüze çyýandyr.
Özüne erk edip, gaharyny jylawlap bilmedik Adam hiç haçan bagtly bolup bilmez. Beýle adam başgany-da bagtly edip bilmez. Tersine, olaryň baran ýerinde betbagtlygyň ruhy güllär.

2. Gorky (waswasylyk, ynamsyzlyk, ejizlik, biçärelik, islendik hakykata, dürli ýagdaýlara göz ýetirip bilmezlik)–bedeniň we beýniniň juda gowşamagy, gurpsyzlygy, duýgularyň aňda waswasy gyjynmalara
berilmeginiň dartgynly ýagdaydyr. Ol bedeniň, aňyň, duýgularyň sarsgynly ýagdaýy netijesinde duýgy, hereket, söz, ahlak, moral gyşarmalary arkaly ýüze çykýar.

Gorky adamda bäş yagdaýda bolýar:

1. Adamyň görýän, eşidýän zatlaryna adalatly we dogry baha beri bilmezliginden döreýän gorky.

2. Aňda we duýguda nesil yzarlamadan döreýän gorky.

3. Daşardan abanýan real howpuň öňüde döreýän gorky.

4. Eden etmişleri üçin adamyň ynsabynyň, adamlaryň, kanunyň, jemgyýetiň öňündäki gorky.

5. Adam aňynyň, psihikasynyň bozulmagyndan döreýän gorky-kesel.
6.
Gorky ýöne ýere döremeýär. Ol adamyň, ruhunyň, pshikasynyň juda gowşamagyndan döreýär. Gorky ejizligiň, biçärelgiň, ruhypesligiň hem-de öz öňüňde, tutuş adamzadyň, dünýäniň öňünde ejizligiň alamatydyr.

Gorky bäs ýagdaýdan döreýär:

1. Düşünjesizlikden.
2. Aňasty duýgularyň gowşamagyndan,
3. Ruhy göýdüklikden.
4. Boş, howaýy, toslama zatlara, tebigy hadysalar baradaky rowaýatlara köre-körlük bilen ynamakdan,
5. Käbir eden etmişleriň üçin howsalaly pikirlenip ýörmek netijesinde emele gelýär.

Gorkaklyk agdamyň maksadyny we umydyny weýran edýär. Adamy sussupeslige getirýar. Adam gorkyny döreden ýagdaý, bilen ölüm

aralygynda ýaşaýar. Ony ýaşaýyş, durmus,güzeran gyzyklandyrmaýar.Gorkýan adam öz syryny paş edip bilmeýär. Ol syrynyň ýaýrap, üstüne agyr howpuň abanaryndan, öz üstünden gülülerinden , jenaýata çekilerinden gorkýar.
Ol özüni bejertmek barada alada etmeýär.Her bir tanyş, nätanyş adamdan, öz ýakynlaryndan syr saklap, saralyp solýar.
Gorkak adam şahsýet bolup bilmeýär.
Gorkak adam iň betbagt adamdyr. Ol dünýäniň gözelligini görmeýär. Iň şatlykly habar hem ony begendirip bilmeýär. Sebäbi, gorky gorkak adamyň ryhuny, aňyny, duýgusyny, tutuş psihologiýasyny eýeleýär. Beýle adam şol gorky döredýän obýektinden başga zady görmeýärem, duýmaýaram, başa bir ýagdaý barada pikirem etmeýär.
Gorkak adam maşgala üçinem, adamzat üçinem juda hopludyr. Beýle adama döwlet, il bähbitli ýumuş, wezipe, sur ynanyp bolmaýar.
Mukaddes Gurhan, şeýle hem dinleriň ählisi Adamy gorkmaga çagyrýar. Mukaddes Gurhan o dünýäde dowzahyň barlygy bilen, günälileriň hökman dowzah oduna ýanjakdygy bilen adamy gorkuzýar. Bu bolsa köp adamyň öňünde juda uly gorkynyň, waswasy keseliniň başlangyçlarynyň döremegine sebäp bolýar. Emma dünýä, dowzah barada gürrüň berýänler hökman Allatagalanýň sahawatynyň, geçirimliliginiň çäksizdigi, onuň eger adam pälinden gaýdyp, çyny bilen toba etse, Allanyň günäkär adamy adamy bagyşlajakdygy barada-da gürrüň emegi hökmandyr.

3. Göriplik ( Bahyllyk, betgümanlyk, içigaralyk, görübilmezlik kesekiniň üstünligine, şowlulygyna durmuşy, pikir-duýgusy bilen gynanmak)– sosial- psihologik, nerw gyjynmasy netijesinde bolýan ruhy hem ahlaky ýgday.
Göriplik bilen bahyllyk bitewidir. Ol kesekiniň şowlulygyna, üstünligine çyny bilen gynanmak bilen, şoňa gahary gelip, jany ýanyp, gan basyşy, saglyk ýagdaýy, nerw dartgynlylygy güýçlenip agyr derde galmakdyr. Bu dert, ýeri gelende, Adamy öz janyna kast etmäge çenli ýetirýär.
Bahyl, görip adamlar diňe kimdir bri betbagtlyga uçranda,

başga bir adam
şowsuzlyga uçranda kanagatlanyp, we bagtly bolýarlar.
Olaryň betbagtlygy başga bir adamyň bagtly bolmagydyr. Beýle adamda
geçirimlilik, adamkärçilik, kişiniň ýagdaýyna düşünek, dözmezçilik, bagyşlamak ýaly häsiýetler bolmaýar.Beýle adam garasöýmez, bus-bus, ynjyk hem-de doňbagyr boýar. Ol özüniň başyna iş düşende-de hiç kimden kömek soramaýar. Özüniň işini, maksadyny, beýleki syrlaryny juda gizlin saklaýar.
Görip, bahyl, betgüman adam adamyň hem,adamzadyň hem, hatda Allatagalanyň hem ganym duşmanydyr. Beýle adam özüniň bu häsiýetini,şeýle ýaramaz moral keşbini hernäçe gizlejek hem bolsa, ol ahyr bir gün paş bolýar.
Beýle adam hiç haçan bagtly bolup bilmeýär. Ol adamy jemgyýetiň, adamzadyň rowaçlygy, bagtyýarlygy hem bagtly edip bilmeýär. Beýle adam il gargyşyna galýandygy üçin uzak ýaşamaýar. Eger uzak ýaşasa-da, maýyp –müjrip bolup, süýrenip, gözden düşüp, şeriň Ýeriň ýüzündaki nusgasy ýaly, ýigrenji halda gezýär. Ol şol ýagdaýda-da pällinden gaýtmaýarl. Olary diňe ölum, gör düzedip bilýär.
Watanyň başyna uruş, zulum, açlyk, ýokanç gyrgynçylykly keseller, jebri-jepaly belalar inip başlanda beýle adamlar, bagtlylygyň eşretinde ýaşaýarlar, soňra hem Watana, öz halkyna ýowuz dönük bolup, duşmanyň tarapyna geçip gidýärler.

4. Ogurlyk ( ikiýüzlülik, nebsine buýrup bilmezlik, doýmaz-dolmazlyk, kişiniň hakyny iýmek, kezzaplyk, ýekemenlik, egoizm,)–psiho-newrologik häsiýet bolup, durmuşda ýeňil eklenjiň ugruna çykan adamlaryň häsiýeti we kem –käsleýin hünäri, belli derejede bolsa keselidir.
Bu ýagdaýl ahlak-sosial kesel bolun, ol ahlak, moral bozulmasy hökmünde hereket ,şoz , nerw we duýgy dartgynlygy arkaly amala aşyrylýar. Şeýle bolansoň bu keseli bejermek aňsat däldir. Sebäbi bu kesel pynhan maksatlaýyn hem-de psihologik keseldir. Ol kesel ýolugan adam ony dert hökmünde ile, jemgyýete, maşgalasyna aýan edip bilmeýär. Sebäbi jemgyýet ogyrlyk häsiýetini berk ýazgarýar. Ogurlyk etmek bolsa Kanun

tarapyndan doly jenaýat hasaplanylýar. Ogrulara jenaýat Kanunlary esasynda berk jeza berilýär. Emma dünýäniň ýüzünde ogurlyk, ogrular ýyl-ýyldan köpelýär. Käbir ýurtda ogurlyk hünäre öwrülendir. Häzirki wagtda örän uly baýlyklaryň maýasyny ogurlyk tütýr. Indi ogurlygyň many- mazmuny üýtgedi.

Ogurlyk alty ýagdaýda edilýär:

1. Çaga höwesjeňligi bilen edilýän ogurlyk.

2. Ýaramaz endik hökmünde
öwrenilip, soň biygtyýar dowam etdirilýän ogurlyk.

3. Güzeran dolandyrmak üçim kesp-kär edilen ogurlyk.

4. Ýolbaşçylyk, wezipe bilen baglanyşykly ygtyýaryndaky, jogapkärçiligindäki döwlet we jemgyýetçilik baýlyklardan, maliýe gorlaryndan galplyk bilen edilýän ogurlyk.

5. Döwlet derejesinde, oz döwletiň, öz halkyň bähbidi üçin edilýän ogurlyk.

6. Döwlet, halkara derejesinde baýamak, baýlyk toplamak üçin edilýän ogurlyk.

Ogurlyk ahlagy, ynamy, maksady weýran edýär. Ogurlyk edýän adam
şahsyýet derejesine ýetip bilmeýär.
Ogurlyk ömrüňi, tohumyňy, nesilleriňi kesýär. Ogurlyk adamyň janyna
siňmeýär. Ony weýran edýär.
Adam atadan şu güne çenliý, ogurlyk bilen baýan, gönenen adam,ogurlyk bilen toplan baýlygynyň eşretini, hözirini gören adam ýokdur. Ogry adam Taňrynyň duşmanydyr. Eger zady ogurlanan adam ogryny bagyşlasa-da, Allatagala ony hiç haçan bagyşlamaz. Ogurlyk eden adam kim bolanda-da, goý, ol patyşa, şazada, häkim, pir, ahun, gedaý, brahman bolsun, onuň iki dünýäsi gömlen, ýagny diri gezip ýören dowzahydyr, eger ölen bolsa, onda ol dowzah oduna ýanyp ýatandyr.

Ogra adamzadyň öňünde başga baha ýodur.

5.Dönüklik (ikiýüzlülik, nalajedeýinlik, ahlagyň pese düşmegi)–
sosial-psiholgik hadysadyr. Dönüklik adamyň ynamynyň, ahlagynyň, maksadynyň weýran bolmagydyr. Ol aň -düýga berilmegi netijesinde, söz, dil, hereket arkaly ýüze çykýan elhenç ýagdaýdyr.

Dönüklik alty ýgdaýda bolýar.

1. Ahlagyň, ynamyň pese düşmegi, umumy we öz-özüňe bolan talabyň gowşamagy bilen edilýian dönüklik.

2. Öz islegiňe bäs gelip bimän edilýän dönüklik.

3. Kynçylykdan, zulum edilerinden gorkup edilýän dönüklik.

4.Mejbury dönüklik.

5. Bilkastlaýyn edilýän dönüklik.

6.Allatagalanýň öňünde dönülklik.

Dönüklik– öz-özüne dönüklik, öz maşgalaňa we ýakynlaryňa dönüklik, Watanyňa, halkyňa., ýurduňa dönýlik, öz ynanjyňa dönüklik diýen ýaly ýagdaýlra bölünýär.
Dönük adam hemişe ruhupes ýaşaýar. Ony hemişe ynsaby horlap gezýär. Ol adam dönüklik bilen gazanan baýlygynyň, durmuşunyň hözirini görüp bilmeýär.Ol hemişe betgüman, serimsal bolup gezüär.Öz dönükligi bilner, onuň jezasyny çekmeli bolaryn diýen gorky oňa tä ölýänçä agyr hupbat berýär. Şeýdip ol özüniň dönükliginiň dowzahy jezasyny dirikä çekýär.Dönük ölende gozlerini açyp ölýär. Onyň gözüni aňsat ýumduryp bolmaýar.
Adamzadyň taryhynadaky iň uly dönüüklik- Isa pygambere( Isos Hristosa) onuň okuwçysy-şägirdi Iudanyň eden dönükligidir. Şonuň üçin bu dönügiň ady gargyşa öwrülendir we dünýäde «Iuda» diýmekden uly gargyş ýokdur.
Dönükleriň iň elhenji Watan dönükleridir. Ol dönükligi üçin

köp pul, baýlyk gazanýar.
Çünki Watanyň bahasy juda uludyr. Şol beýikligi ýürek edip satanlara-da oňat hak töleýärler. Emma ol dönügiň gazanan haky onuň janya siňmeýär. Ol baýlyk dönügiň başyna bela bolup inip, onuň beýik hasratyna we ajalyna öwrülip galýandyr.
Ikinji bir uly dönüklik- Alanyň öňündäki dönüklikdir.Dönük adamyň mazary bolmaýar diýýärler.Çünki dönüklik adamzadyň iň ýek görýän, başyndan ahyryna çenli bagyşlap bilmeýän ýaramaz häsiýetidir.

6. Nebis (nebisjeňlik, açgöglük, harsydünýälik, doýmaz-dolmazlyk, malyň, baýlygyň, barly kişileriň öňünde ejizlik, peslik)- nerw- fizologik-psihologik ýagdaýlarynyň egoizm bilen wagşylyga öwrülen ejizligiň utgaşykly sarsgynynyň iň ýokary derejesidir.
Nebis belasyna ýolukmak agyr, hiç wagt bejerip bolmaýan keseldir. Bu kesele ýoluganlaryň dermany ýokdur. Nebis gündogar halklarynda uly duşman, kapyr, ýeňip bolmaýan ýowuz ýagy hasaplanylypdyr.

■ Nebisjeň adam nähili ýagdaýda bolýar?

Nebisjeň adam ilki bilen hemme zat meniňki bolsady diýen gizlin düşünje bilen ýaşaýär. Onuň pikir-duýgusy, maksady hemme zada özi eýe bolmagyň ugruna gidýär. Adamkärçiligiň beýleki meseleleri, düşünjeleri ony az gyzyklandyrýar. Beýle häsiýetli adam zadyň gadryny bilmeýär. Ol diňe haram-halal gazanmak, baýamak üçin ýaşaýar. Ol özüniň ähli güýjüni, gaýratyny, zehinini, başarjaňlygyny , saglygyny, ähli energiýasyny, ylmyny- bilim- düşünjesini mal-baýlyk tolamaga bagyşlaýar. Ol adamyň bu pynhan häsiýeti soň- soňlar agyr psiholgik kesele ýazýar.Ol keseli bejermek mümkin däldir.
Gündogarda Karun açgözlüligiň, gysgançlygyň, doýmaz- dolmaz nebisjeňligiň taýsyz obrazydyr. Rowaýatlara görä Karun kyrk şäheri altyndan doldyuranmyşyn. Şonda-da ol «wah, kyrk birinji şäheri hem altynda doldursadym» diýip arzuw edipdir. Emma şol armanly arzuwyna ýetmän, topraga duwlanypdyr.

Mukaddes Gurhanda: «Biz Karuna şäherleri berdik, altyn berdik, emma öňa şol altyn doly şäherleriň açaryny (ygtyýaryny) bermedik» diýlipdir.
Nebis belasy Adamy ýalançy,bahyl, gorkak,görip, dymma edýär. Beýle adamyň häsiýeti gowşak bolýar. Ol her bir işi özüne düşjek peýdanyň ýagdaýy bilen seljeýär.Beýle adam bilniksizden örän bahyl bolýar. Ol
beýleki adalaryň bagtly bolanyny, bol-elinlikde, eşretli ýaşanyny bagyşlap bilmeýärler. Olar köp keselleýärler. Ahyrynda-da uzak ýaşaman, ýygnan mal-baýlygynyň hözirini görüp bilmän, ölüp gidýärler. Olaryň hars urup, özüne çagalaryna, il-gününe dözmän, gözden, abraýdan düşüp ýygnan baýlygynyň, ählisi başgalara galýar. Olaryň özleri bolsa halkyň arasynda ýigrenji gülkä öwrülip galýarlar. Beýle adam ýygnan mal-baýlygyny özüm gazanandyryn diýip pikir edýär.Ol her näçe hars ursam, şonça köp gazaýandyryn diyip düşünýär. Beýle Adam özüniň Allatagalanyň ýaradan aňly- paýhasly jandarydygyna, onuň hem pikir-parasadynyň , duýgy-syzyş güýjüniň barlygy bolmasa, beýleki janly-jandarlardan tapawudynyň ýokdygyna düşünmeýär.
Adam hem Liliýa güli kibidir. Liliýa güli özün eklemek üçyn hars urýarmy!? Eýsem, liliýa gülunu sy bolşundan kim gözel edip biler, ony şu bolşundan eşretli kim ýaşadyp biler( Injil).
Adam edil guşlar kibidir. Gör ,guşlaryň baýlyg-da, harmany-da, ätiýaçlyk üçin ýygşyryntgysy-da ýokdur. Emma dünýäniň ýüzünde guşlardan owadaný, gözel jandar barmyka!? (Gürhan). Guşlar omürlerini sapaly geçirýan bolsa, nesil ömndürýän bolsa, bol, owadan ýaşaýan bolsa, onda bu ýerde bir gara başy üçin dünýä özümiňki bolsun diýip hars urup üören adama oülanara zat barmyka diýýärin.
Eý. Adam, sen hem şol Liliýa güli ýa-da guşlar ýalysyň. Seniň yrsgalyňy, seni bu dünýä inderen Alla berýändir. Seniň baýlyk diýip ýorta- ýorta ýygnanyň bir gury salgymdyr. Oýlan, mähriban Adam! Nebis (nebisjeňlik) açgöglük, harsydünýälik, doýmaz-dolmazlyk)-belasy Allatagalanyň hem, bendesiniň hem iň bir halamaýan zadydyr. Bu bela adamy har, biabraý edýär. Adamy

ejiz, sansyz edýär. Adamy öz ynsabynyň, öz halkynyň, Allasynyň öňünde wejera edýär.

7. Tamakinçilik (pynhanlyk bilen dilemek, beriljegi, berilmejegi gümana zada pikiriň, duýgyň bilen ymsynmak, şol zady beräýsedi diýip, gije-gündiz diňe şol barada pikir etmek, özüňi şonuň ýolyna goýmak, şol zat berler dýip ikiýüzlülik, ýaranjaňlyk , ýalynjaňlyk etmek, bendeden tamakin bolmak, buýrulmadyk, güýjüň ýetmejek işe urnup, gözden düşmek, mertebäňi wejera edip peseltmek, eger şol berler diýip yhlas eden zadyň berilmese, saralyp solmak)–sosial-psihologik, nerw ahwalat bolup, pikir-duýgyňy ham-hyýallara aldyrmak bilen ömrüňi, özüňi , wagtyňy salgymlara kowalaşyp,bihuda geçirmekdir.

Tamakinçilik ýedi hili bolýandyr:

1.Wezipe, hyzmat, iş tamakinçiligi.

2. At –baýrak tamakin bolmak.

3. Elýetmez maşgalany ele salmak, aýal etmeký ýa-da durmuşa çykmak tamakinçiligi.

4.Nygmatlardan, toý-meýlislerden tamakinçilik.

5. Döwletden, wezipeli adamlardan mertebe- hormat tamakinçiligi.

6. Gazanmadyk, mynasyp bolmadyk zadyňy tamakin bolmak.

7.Öz ýakynlaryňdan, kömek, ýagşylyk eden-u-etmedik adamlaryňdan, ogluňdan-gyzyňdan, dogan-garyndaşlaryňdan, ata-eneňden tamakin bolmak.

Tamakin bolmak adamyň öz nebsine, duýgularynyň salgymyna berilmegidir. Şol bir wagtyň özünde bolsa bahyllygyň bir görnüşidir.
Etmedik, ýa-da eden işiň üçin tamakin bolmak adamyň şahsyýetini weýran edýän ýagdaýdyr. Sebäbi beýle häsiýetli

adam pikir-duýgysyny şol beriljegi gümana zada baglap ýaşaýar. Beýle häsiýetli adamlaryň şondan belent maksady bolmaýar.Olar dar göwünli, ruhy syngyn, bus-bus, ýaranjaň,namart adamlar bolýar.Olar hemişe lapykeç, durmuşdan,döwletden, döwlet , edara ýolbaşçysyndan närazy,ýalançy, gybatkeş,iňre, zeýrenjeň , wasws bolar.
Tamakin adaml şahsyýet, il, halk ogullary bolup bilmeýär. Eger wezipä ýetse, köpe baş bolsa golastyndakylardan, işgärlerinden hem tamakin bolýar. Para, sowgat almagy gowy görýär we bu işi guraýjy bolýar. «Men oňa pylan wagt şular ýaly ýagşylyk etdim. Ol edilen ýagşylygy bilmedi. Ol özüne edilen ýagşylgy gaýtarmady» diýip göreniň ýanyňnda zeýrenip ýormegi gowy görüär. Emma ýolbaşçy, mesele çözýän adamlara ýaranjaňlyk edýär. Işi, wezipesi, ýagdaýy, özüniňkden pes adamlary äsgermeýär.Beýle adam gorkak, betbagt bolýar. Ol Ysa pygamberiň:«Gorkma, ynanma, tamakin bolma!« diýen pähimine garşy ýaşaýar..
8. Ejizlik (lellimlik, işýakmazlyk, uly maksatlaryň, möhüm işleriň öňünde biçärelik, gowşaklyk,gaýratsyzlyk, dönüklik,öz bedeniňe, öz erkiňe, ahlak normalaryna laýyk gelmeýän duýgularyňa erk edip bilmezlik., nalajedeýinlik, namartlyk)— beýniniň, aňyň, tutuş fzologik gujuryň aňyňa,parasadyňa däl-de, Adamyň erkinden çykan başbermez duýgulara berilmeginiň ýagdaýy. Beýle häsiýetli adam özüniň pikir-parasadyna däl-de, köplenç duýga, boş ham-hýýallara berilip ýaşaýar. Bu kesel ahlak, söz, hereket arkaly beýan edilýär.Beýle kesele sezewar bolan adam ogurlyk etmegi- de, ýalan sözlmegei-de, işi bitýänçä, her hili kasam, ant içmegi-de namys — ar bilmeýär.Beýle adam, esasan yeňil eklenje, mugthorluga, soňra bolsa, neşekeşlige, alkogol içgilerine ýykgyn edýär. Ol adam zyna işleriniň öňünde hem ejiz bolýar. Ol adaam erkek bolsa gomoseksualist, aýal bolsa aýal jynsly bilen ýaşamaga ýykgyn edýär.
Soňa baka agyr neşekeş, agyr arakhor,ýaltaý hapysa bolup, olaryň düzelmesi juda kyndyr. Sebäbi olar özlerini, duýgularyny ele alyp bilmeýärler, Beýle ejiz adamlar adamyň, maşgalanyň, jemgyýetiň, tutuş adamzadyň ganym duşmanydyr.

Beýle adam hiç wagt şahsyýet derejesine göterilip bilmeýär. Beýle ejiz adam özüniň ejizligi, gowşaklygy bilen adamlaryň gözünden düşýär.Olar algy-bergi, maşgala, adamkärçilik meselelerinde juda namart bolýarlar. Adamlary aldaýarlar, çürkeýärler, talaýarlar, ogurlyk, ýalançylyk, ikiýüzlülik olaryň esasy güzeran dolandyryş usullary bolýar. Beýle adam hiç wagt beren wadasynda durup bilmeýär. Emma wada bermägi, bir saparlykça adamlaryň ynamyna girip, olary, aldamagy, talamagy oňat başarýarlar. Beýle adam özüniň bedenine, üst-başyna seretmeýär. Şonuň üçin ol adamlardan daşda duranyny gowy görýär.
Ejiz adamyň esasy aýratynlygy, ol özüni düzetmäge çalyşman, gaýta bu häsiýetini aklamaga, delillendiräge ökdelik bilen çalyşýandyr. Ol Adam, özüni keselli, hossarsyz, alaçsyz görkezmäge gaty ökde bolýär.. Ol bu häsiýetini şeýle bir ulaldyp görkezýär welin, köp adam onuň kelebine çolaşanyny duýman galýar.
Dünýäniň ýüzünde beýle kesele sezewar bolan adamy bejerýän millionlarça bejeriş jaýlary bolsa-da, adamzat beýle häsiýetli adamyň hem,olaryň ejizlik derdiniň hem öňünde ejiz bolmagynda galýar. Sebäbi bu keselden sabamak şol ejiz adamyň diňe özüne baglydyr. Emma ol adam özüniň ejizliginden hen, neşebentliginden hem, arakhorlugyndan hem saplanmak islemeýär.Şonuň üçin ejizlik derdi umumyadamzat derdine öwrülip gidýär.
Ejiz adam doly bahaly adam däldir. Ol adamzat ahlagynyň we mertebesiniň
çüýrän, ne bejerip bolýan, ne kesip aýryp bolýan, ne-de derman tapylýan ýokanç baş bolup duran synasydyr.

9. Ýalançylyk ( aldawçylygyň, kezzaplygyň, dönükligiň, ikiýüzliligiň, namyssyzlygyň, gaýratsyzlygyň, pesligiň we namartlygyň iň ýokary derejesi)—ahlak- psihologiki we sosial mazmunly ýagda bolup, ol hereket, ahlak näsazlygy we söz , pikir arkaly ýüze çykýar. Bu ýaramaz häsiýet ahlk, sosial, durmuş, maşgala ýagdaýyňy gizlemekde ýüze çykýan ýagdaýdyr. Bu häsyýet niýetiňi, etmişiňi, maksadyňy gizlin saklamakda, şol

häsiýetlere düýbünden garşy bolan maksatlaryň beýanydyr .
Ýalançylyk adamda esasan bäş ýagdaýda ýüze çykýar:

1. Mejbury ýagdaýda ýalan sözlemek.

2.Ýaramaz endik görnüşinde ýalan sözlemek.

3. Eden etmişiňi gizlemek maksady bilen ýalan sözlemek.

4. Zabun maksadyňy ýola goýmak, ynama girmek, bähbit görmek üçin ýalan sözlemek,.

5. Adamlary ýaraşdyrmak, ýagşylygy dikeltmek, adamlaryň arasyny sazlaşdyrmak, käte bolsa janyňy halas etmek üçin ýalan sözlemek.
6.
Ýalançylygyň ulusy, kiçisi ýokdur, onuň islendik görnüşde ýüze çykmasy ahlagyň bozulmagyna getirýändir. Ahlak bozulmasy adamyň ynanjyny, maksada okgunlylygyny düýpli wezýran edýr.Beýle adamdan şahsýet çykmaýar. Şeýle adam duýgy bilen hyýalbentlige berlip ýaşaýar.

Ýalançylyk, kezzaplyk Gündogarda ähli ýaramaz häsiýetleriň enesi hasaplanylýar.
Gadym zamanda bir näkes pygamberiň ýanyna gelipdir. Ol özüniň adam
öldürendigini, adamlary talandygyny, zyna işleri edýän, arak-şerapdan gaýtmýän süpük neşkeşdigini aýdypdyr. Ol pygamberden indi düzelmek isleýändigini , munuň üçin näme etse gowy boljakdygy, bu ýaramaz häsiýetleriniň haýsysyny ilki goýsa gowy boljakdygy barda maslahat bermegini sorapdyr.
Şonna pygamber «Ýalan sözlemäni goy» diýip maslahat beripdir. Şol adam köp wagt geçmänkä pygamberiň ýanyna gelip, ähli ýaman pişelerini goýandygyny habar beripdir. Ýalançylyk ähly ýaramaz işiň enesi bolmaly.

10. Ýaltalyk ( geleňsizlik, biparhlyk)—psihiko-fizologik, ahlak hadysa bolup, ahlk, sosial, durmuş, maşgala ýagda emele gelýän sosial häsiýetdir. Bu ýagdaý söz we hereket arkaly

özüni aýan edýär.Ýaltalyk adamzat progresine zarba urýan elhenç keseldir. Ýalta adam özüniň ýaltalygyny gizlemek, delillendirmek üçin, öz ýaltalygyny gizlemek üçin akyldarlaryň tapmadyk parasadyny tapyp bilýär. Ýalta adam jemgyýet , maşgala üçin örän zyýanlydyr. Olar durmuşyň iň möhüm, iň zerur pursatlaryny geleňsizlik bilen duşlaryndan geçirip, soňra oňa puşman edýärler.
Dünýädäki iň garyp adamlaryň ählisi ýalta adamlardyr. Şeýle adamlaryň Hindistanda 500 milliona çenlisi bardyr.

Ýaltaçylyk esasan bäş ýagdaýda ýüze çykýar:

1. Fizologik taýdan ýaltalyk.

2. Aň –pikir taýdan ýaltalyk.

3. Kesel-bedene düşen şikesi bahanalap edlýän ýaltalyk. Parhsyzlyk, geleňsizlik sebäpli ýaltalyk.
4. Dini ynançlar, däp- dessur sebäpli edlýän ýaltalyk.

5.Bilgeşleýin, bilkastlaýyn edilýän ýaltaçylyk.

Bularyň ählisi bir zada syrygýar. Ol hem adamyň ejizliginiň, bolgusyzlygynyň alamatydyr. Gündogar halklarynda ýaltaçylyk barada örän jäýdar nakyllar , atalar sözleri dörapdir. Olaryň käbiri: «Eli döwük işlär, göwni döwük işlemez», «Iş hoş ýakmadyga iş buýursaň, ataň-eneň bermedigik öwüdini berer».
Ýalta adam hiç haçan şahsyýet bolup bilmeýär.
Ýöne ýaltalyk ahlaky we moral zarbadan gorkýandyr. Eger, bejerip, ynsabyny,gujur-gaýratyny oýaryp, tijendirip , ynandyryp bilsen, ýalta adamlary sagdyn duruş ýaşaýyşyna gönükdirmek mümkindir.

11. Ýaranjaňlyk ( peslik,ikiýüzlülik, öz mertebäňi saklamazlyk)- sosial-psihologiki duýgynyň aňa boýun egdirilmezden
emele gelýän maksatlaýyn ýa-da maksatlaýyn we matlaplaýyn ýagdaýdyr.

Bu häsiýet bäş ýagdaýda ýüze çykýar:

1. Agyr psihologik sarsgyn sebäpli edilýän ýaranjaňlyk.

2. Haýsydyr bir peýdaly tamakinçiligiň bar ýerinde edilýän ýaranjaňlyk.

3.Işi, wezipesi, gazanjynyň çesmesi ýitiriler öýdülip, gorkup edilýän ýaranjaňlyk.

4.Ýerliçillik, tarapgöýlik, milletçilik bilen baglanyşykly ýaranjaňlyk.

5. Käbir ýagdaýlarda körzehinliligi, işine, wezipisine laýyk gelmezligi sebäpli gowşaklygyny, iş başarmazlygny basyrmak, gizlemek üçin edilýän ýaranjaňlyk .
6.
Ýaranjanlyk häsiýeti halk arasynda sosial kesel derejesine çenli ýaýrandyr. Ol ylaýta-da öňki SSSR-iň sostawyndaky ýurtlarda, SSSR bilen baglanyşykly ýurtlarda has güýçli ýaýrandyr.
Sebäbi bu ýurtlarda adamlaryň durmuşy, güzerany, ýaşaýyş derejesi köp ýagdaýda partiýanyň wezipe başynda goýan adamlaryna bagly bolupdy. Şonuň üçin wezipeli adamlara özlerine ýaranjaňlyk edýän adamlara, dogrulygy, nädogrulygy nätakyk, syrly meselelerde, galp işlerde, gümürtik işlerde özüne wepaly, ýaranjaň adamlary ileri tutýardylar. Olary wezipe, baýrak , haram, halal gazanç , güzeran babatda nadyl etmeýärdiler. Şeýle ýagdaý bolsa bu sosial keseliň ösüp, tutuş partýýa ulgamyny gaplap almagyna getiripdi.Soňra bolsa bu sosial häsiýet ýerliçillik, milletçilik häsiýetleri bilen utgaşyp,döwlet derejesindäki ýokgaç sosial kesele öwrülip, ahyr soňunda SSSR diýen ägirt uly imperiýanyň weýran bolmagyna getirdi
Ýaranjaň adam utançsyz, bahyl ,görip, gorkak we ynsapsyz, namyssyz, haramzada bolýar. Ol özüniň bähbidinden başga zady görmeýär we beýleki ýagdaýlara düşünmeýär. Ol öz bähbidine ýetmek üçin wezipeli adamlaryň öňünde kiçelmegi başarsalar-da,

wezipesiz, dogry sözli adamlardan gorkýarlar. Olaryň gybatyny etmäge, olary peseltmäge ýaltanmaýarlar,
Ýaranjaň adamdan şahyýet çykmaýar. Ol nahili wezipede bolsa-da bu häsiýetinden saplanyp bilmeýär. Beýle adam adamlaryň gözünden düşýär. Adamlar ony berk ýigrenýärler. Beýle gylykly adam tä ölýänçä mertebesiz, biabraý bolup galýar. Ol bu dünýäden öteninden soň, her näçe baý, uly wezipelerde işlän bolsa-da, ony hiç kim ýatlamaýar. Ýaranjaň adamyň bu dýnýädäki, ol dýünýädäki ölçegi ýekeje sözde jemlenendir. Ol söz- ýaranjaň.
Dünýäde ýaranjaň diýen söz ýaly adamyň şahsyýetini weýran edýän başga bir ýigrenji, hapa düşünje ýokdur.
Ine, ýokarda görlüp geçilen ruhy, ahlak, psihologik we fizologik ýagdaýlar Adamyň aňyna, duýgysyna, ruhuna ýaramaz täsir edýän ýagdaydyr.
Bu ýagdaýyň, ýa-da gylyk-häsiýetiň her biri adamyň şahsyýetini, mertebesini,doly weýran edýän dermansyz dertlertdir.
Emma Adam bu dertleriň has köp sanlysy bilen kesellän bolsa, onuň üçin ýaşamak has kyndyr.
Eýsem, Adamy bu dertlerden nähili halas etmeli!?
Bu gün XXI asyryň başynda, Adamýň Hudaýsyzlykdan, biçärelikden, alaçsyzlykdan ,ejizlikden bizar bolup, külli Adamzadyň aýagyna ýykylyp, «Meni halas ediň!» diýip zarynlaýan mahaly, oňa nähili kömek etmeli.
Adamzady diňe Adam halas edip biler!
Adamy Adam, diňe onuň özi halas edip biler. Yöne, Adam, maşgala, jemgyýet Adamyň nähili ýagdaýda, nirede durandygyny, onuň nähili derejä ýetendigini öna duýduryp, onüň halas bolmagyna hemaýatyny ýetirmelidir.
Elbetde, balygyň suwa,balyk liçinkalarynyň balyga, adamyň erkinň onuň aňyna bagly bolmaýşy ýaly, bu gylyk-häsiýetler, sözüň doly manysyndaky keseller hen edil adamyň erki ýaly, Adamyň özüne,aňyna bagly dädir. Olar edil, dünýä inmedik çaganyň enäniň garnynda bolup, çaganyň ene garnynda galmagynyň, onuň ösüşleriniň, saçyň, dyrnagyň, beýleki adam organlarynyň döremeginiň, ösmeginiň, çaganyň ösüşiniň, ahyr

soňunda dogulmasynyň enä bagly bolmaýşy ýaly, bu häsiýetleriň köpüsi şeýle häsiýetlere eýe bolan adamyň erkine,emrine bagly däldir.
Sonuň üçin bu häsiýetler Adamyň erkine bagly däl ýagdaýda ony, ýagnyAdamy weýran edýärler. Adam olara öz täsirini ýetirip bilmeýär, emma bu häsiýetler oňa özüniň täsirini ýetirýär.
Emma Adamda Allahy we nesil, tohum yzarlaýan ynsan normalary we onuň
ölçegleri bardyr. Adam şol ölçegler arkaly özüni derňäp, özüni gaplap alan şol
dertleriň nähilidigine, olaryň nähili ýagdaýdadygyna göz ýetirip, olara
kontrollyk edip bilýändir.
Adamyň Ýeriň ýüzündäki absolýut güýçdügini başda belledik. Adam şol beýik güýç, aň, duýgy, ruh bilen ugrukdyrylýar.
Adama ilki bilen nähili potensiýalynyň bardygyny aýan etmeli. Şondan soň şol potensiala nähili erk emelidigininiň ýollaryny salgy bermeli. Adam: Gahar, Gorky, Göriplik, Ogurlyk, Dönüklik, Nebis, Tamakinçilik, Ejizlik, Ýalançylyk, Ýaltalyk, Ýaranjaňlyk diýen ýaly häsiýetleriň, dertleriň özünde nähili ýagdaýda emele gelendigini, olaryň sosial köküniň nirededigini we näme bilen baglydygyny derňemegi öwrenmelidir.
Diňe şondan soň Adam özüniň Ýeriň ýüzüňdäki Alladygyna düşümelidir. Allatagalada bar bolan:
Atomlaryň; Fiziki; Himiki; Biologiki; Energetiki; Atmosfera; Gidrolawiki; Oduň-suwuň- howanyň-topragyň, Hereketiň; Fizologik, şeýle hem,Aňyň; Hereketň, Duýgynyň ölmeýän, ýok bolup gitmeýän beýik bitewiligidigine düşünmeliduir. Şol bitewi güýç diňe bir galyplara salnan keramat bolman, ol beýik dörediji güýçdür. Ol beýik keramatly güýç diňe bir Adamýň aňyny, ruhuny, bedenini, erkini eýeläp ýatan şol ýaramaz gylyk-häsiýetleri däl, tutuş Adamy täzeden ýaradyp biljek güýçdür.
Ine, şonuň üçin Adam daşardan özüni täze gözellige çykarjak kömege, hemaýata garaşmaly däldir. Adama başga kömek etjek ýokdur. Başda belleýşimiz ýaly, Adam bu meselede awtonomdyr.Bu derdi -belalar diňe onuň özüne aýandyr. Başga biri ony

duýubam, görübem, ony ýok edibem bilmez. Bu derdi- belany hem Adamyň özi görýändirem, duýýandyram, onuň ahyny, derdini, hesretini, jebri-jepasyny onuň özy çeke-çeke bez-bez bolandyr. Şol derdi- beladan dynmak, saplanmak başga birine däl-de, her bir Adamyň
özüne zerur gerek.Şonuň üçin Adamy diňe şol Adamyň özi halas etmelidir.
Ine şonuň üçin Adamyň üns bermeli zady:

I.

Adam özüni halas etmelidir!

II.

Adam özüni hökman halas etmelidir!

III.

Adamyň özüni halas etmegi diňe bir gara başyny bela-beterden halas etdigi däldir. Bir Adamyň özüni halas etmegi tutuş dünýäni, tutuş Adamzady halas etdigidir. Adamzady, dünýäni Adam halas etmese, kim halas etsin?!.

IV.

Munuň üçin Adam özüni derňemelidir.

V.

Allatagala Adamyň içki Äleminde iki sany öý gurandir.

VI.

Üns beriñ, gözel Adam! Üns ber, mähriban, eziz doganym! Üns ber, sen ähli
işiňi, pikir-hyýalyňy, oýlaryňy tije-de, bir minut üňs ber. Şeniň ömrüň,
betbagtlylygyň , bagtyň, jennetiň, dowzahyň şu ýekeje minudyň içinde. Şonuň üçin bar zady taşla-da üns ber!

VII.

Allatagala Adamy içki Äleminde bir saraý gurandir.

VIII.

Şol saraýyň içi uýan goýy gan reňkli çyrag bilen ýagtylandyrylýandyr. Onuň şol gan reňk syçradýan çyragynyň içinde garry şeýtan oturandyr. Bu saraýdan porsan gan-riňiň nejis ysy aňkap durandyr. Bu ýerde Gahar. Gorky. Göriplik. Ogurlyk. Dönüklik .Nebis . Tamakinçilik.. Ejizlik. Ýalançylyk. Ýaltalyk. Ýaranjaňlyk diýen elhençlikler gül- gunça açyp, bol miwesini berip durandyr. Kim bu ýere girse,özüniň hakyky d o w z a h y n y görer. Bu saraýa düşenler şu elhençlikleri özüne dünýä edip ýaşap ýörendir. Şeýtan bu saraýa girenleriň hersiniň boýnuna ot- ýalynly uýan atandyr. Şol uýan bu Adamy sypdyrar ýaly däldir. Şeýtanyň çyragy ýanyp duran bu
dowzahy jaýyň porsan gan-iriň ýsly dünýäsinden çykmak Adama mümkin däl
ýalydyr.

IX.

Emma Allatagala Adamyň ruhy äleminde ýene bir köşk gurup goýandyr. Ol köşgi bir Şamçyrag ýagtylandyrýandyr. Kim şol şamçyragy ýakyp bilse, şol ýerde bir Allahy nur ýanar. Ol nur geçen pygamberleriň ählisiniň ýürek umydydyr. Ol nur Allatagalanyň 120 müň pygambere iberen kitabynyň parlak şöhlesidir. Ol nury älem arzuwlaýandyr. Emma ony tapmak mümkin däldir. Kim şol köşge gadam goýup, şol Şamçyragy ýakyp bilse, şol nury görer. Kim şol Şamçyragy görse, onda onuň aňy, dýgusy, ruhy,ýüregi, damarlary, gany tutuş bedeni şol allahy nura beslener. Onsoň ol Adam dirikä özüniň jennetine gowşar. Bu jenneti nurly köşk şatlygyň, mertligiň, sahawatlylygyň, jomartlygyň, wepalylygyň, sahylygň, sabyr-kanagatlylygyň, dogumlylygyň, gaýduwsyzlygň, ekabyrlygyň, belent mertebeliligiň gül-gunça açýan, şirinden eşretli miwe berýän, hiç haçan sowulmaz bossanydyr. Bu eşretli älemiň çyragy

köňülleri baky direldiji, juwanlaşdyryjy nur bilen ýagtylandyryp duran şamçyragyň içindedir. Şol şamçyragyň ýüreginde bolsa Alla oturandyr.Sen ony-öz eziz Allaňy görersiň.

X.

Sen şeýdip, öz jennetiňe, öz Allaňa gowşarsyň.
Sen şeýdip öz Allaňy gör. Onuň bilen söhbet aç.Öz Allaň nury, ruhy, beýik sahawaty bilen köňlüň, ruhuň, ýüregiň gozlerini, gulagyn, duýgusyny arça.
Ine, Sen şeýdip halas bolarsyň, Adam! Saňa halas bolmaga başga ýol ýokdur! Goy, seniň alnyňda, köňlüňde, ruhuňda şeýtanyň hapa, şübheli çyragy
ýanmasyn!
Sen öz Taňryň gurup beren ajaýyp köşginiň ýüreginde Alla oturan çyragyny hiç haçan öçürmän, ýak, ýene ýak, ýene ýaký ýak, ýak, ýak. Ine, şonda sen halas bolarsyň, Adam!

* * *

Russiýa Federasiýasynyň demirgazyk böleginde «l e m m i t» diýen (alaka kysmy) bir jandar bar. Ol janda bäş-alty ýylyň dowamynda öz-özünden köpelip, soňra biri-birini iýip başlaýar. Olar gan ysyny alandan soň millionlarça bolup toplanýarlar-da, öňlerinden çykan ösümlik dünýäsini weýran edip, tä deňze gapgarylyp ýok bolýançalar köşeşmeýärler. Olary diňe deňziň ajy we gazaply suwy köşdirip bilýär.
Emme olaryň yzynda galan ýek ýaryn lemmitlriň sähelçesi bäş-alty ýylda ýene köpelýärler we olar hem ata-babalary ýaly deňze gapgarylyp ýok bolýarlar.Olaryň bu ykbaly şol gaýtalanyp gidip otyr.

* * *

Adamzadyň ykbaly hem şeýledir. Adamzat belli döwürlede jemmitleriň ykbalyny başyndan geçirmelidir. Ony her on iki ýyl diýip kesgitläp bolar.Hudaýsyz halklaryň rewolýusiýalarynyň, döwletara uruşlarynyňý jahan uruşlarynyň arasy ýa on iki, ýa-

da 24-25 ýyl aralygynda bolup geçendir. Muňa Russiýanyň asyryň başyndakyý on ýedinj ýyldaky rewolýusiüalary, birinji we ikinji jahan uruşlary, dünýädäki beýleki ululy-kiçili döwletara uruşlary mysal bolup biler.

* * *

XXI asyr adamzadyň geljekki jahan uruşlaryna, rewolýusiýalara taýýarlyk görýän asyry bolar. Bu asyrda adamzat hernäçe hudaýhonsyrasa-da, Alla onuň
tutuş kalbyny eýeläp bilmez, çünki onuň ýüreginde ,aňynda öňki asyrlardan galan ynamsyzlyk belli derejede öz hökümini ýöreder.

Öwezdurdy NEPESOW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Jemgyýetçilik tankydy